# Bagşynyñ ynsaby

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagşynyñ ynsaby BAGŞYNYÑ YNSABY



Men 1991-nji ýylda Magtymguly adyndaky TDU-da okaýarkam, “Halk döredijiligi” boýunça ylmy önümçilik saparynda (ol zamanlar praktika diýlip, 20 gün halk döredijiligi boýunça bir tema berkidilip, tomus kanikulynda ýaşaýan ýeriňde şol tema boýunça materiýal ýygnamalydy) “Türkmen estrada bagşyçylyk sungaty” diýen tema boýunça materiýal toplamak üçin, Bally Hajyýewiň

ýanyna gelip, oňa maksadymy düşündirdim. Men Bally Hajy bilen saçakly gatnaşmasamam, onuň bilen gatnaşygym gowudy. 1991-nji ýylyň iýulyna çenli ol 45 zapis ( ol zamanlar aýdymlar kasseta ýazgy edilip, bir kassetada 12-15 aýdym bolup, oňa bir zapis diýýärdiler.) çykarypdyr. Onuň şonça zapisinde 586 aýdym bolup 27 aýdym zapislerde gaýtalanyp, Bally Hajynyň kasseta ýazgy edilen repertuarynda şol wagt gaýtalanan aýdymlary aýranyňda-da, 559 aýdym bar ekeni. Şol aýdymlaryň 28-si daşary ýurt (esasan, hindi, azerbaýjan, bir rus aýdymy bar eken.), 224-si, söýgi, 5-si ene hem ahlak temasyndan häzirki zaman aýdymlary bolup, galan 302 aýdym halk aýdymlarydy. Özem şol aýdymlaryň hemmesi ussatlygyň ýokary derejesinde ýerine ýetirilipdir. Bu aýdymlardan daşgary zapise-ýazga girmedik azyndan ýüz aýdymynyň bardygyny Bally Hajyýew gürrüň berip, şol aýdymlaryň üç sanysyny maňa öýünde aýdyp beripdi. Bally Hajy1976-njy ýylda 17 ýaşy dolmanka, birinji zapisini çykarypdyr. Ol on bäş ýylyň içinde 45 zapis, her ýylyna 3 zapis aýdymdan düşýär. Bally Hajynyň şol wagt aýdan şu sözleri häzirem gulagymda ýaňlanyp dur: “Döwletmyrat, biziň aýdyma gelen ýyllarymyzda bäsleşik uludy. Her üç-dört aýdan bir zapis edip, kämil aýdym çykarmasaň, bagşy diýen atdan mahrum boljagyň görnüp dur. Inim Alla ömür berse, halk içinde bilinýän klassyk şahyrlarymyzyň, aýratynam Magtymguly atamyzyň şygyrlaryny estrada aýdym-sazyna geçirsem, ölsem armanym ýok. Alla 50 ýyl ömür berse, 1000 halk aýdymy Bally Hajy bolup aýdaryn” Men Bally Hajynyň ömür pursatlarynyň aýdym-saz bilen geçip, günde üç-dört sagatdan köp ýatmaýandygyna özüm şaýat boldum. Meniň Bally Hajydan maglumat alan wagtym ol 32 ýaşynam doldurmandy. Bally Hajynyň aýdym-saz sungaty türkmen estrada aýdym-saz sungatynda aýratyn mekdep boldy. OL 2000-nji ýylyň noýabrynda aradan çykanda, yzynda 1200 golaý aýdym galdyrdy. Şol aýdymlaryň esasy bölegi halk aýdymlary. Halk içinde bu ussat bagşynyň 700 gowurak halk aýdymynyň bardygy hakynda aýdylýar. Bally Hajy ussat bagşy bolup, dünýäden ötdi, ýöne ol 50 ýyl ýaşaman, 1000 halk aýdymy Bally Hajy bolup aýdyp bilmän armanly gitdi. Didar gaýyp diýleni ekeni. Men 2000-nji ýylyň 2-3-nji noýabrynda Nebitdaga (häzirki Balkanabat) Gurban agalaryň toýuna bardym. Toýuň bagşysy Bally Hajy ekeni. Bu ussat bagşy “Inim, ýüregim gysýar” diýip möňňürip, köpüň içinde meni gujaklap aglany hiç wagt ýadymdan çykmaz. Bally Hajy şol toýdan gelip dümewledi, 7-8 günden soňam aradan çykdy. Hakykatdanam, Bally Hajynyň

ölümi armanly boldy. Anyk ýadyma düşenok, senesini dört-bäş gün ýalňyşmagym mümkin. Şol wagtky Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Nyýazow Mary welaýatyna sapar edip, Bally Hajam onuň öňünde aýdym aýtmalydy we Bally Haja Türkmenistanyň at gazanan artisti diýlen at dakylmady. Munuň üçin hemme resminamalar taýyn edilendi. Prezident Saparmyrat Nyýazow Bally Hajynyň ýedisi geçmänkä, Mary welaýatyna sapar etdi. Ýöne biwagt aradan çykan Bally Hajy Prezidentiň öňünden çykarylmady. Şeýdibem ol Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen ady alyp bilmedi.

!970-nji ýyllaryň ikinji ýarymy türkmen estrada aýdym-sazynyň gülläp ösýän zamany boldy. Şol döwürlerde Nurýagdy Tokgaýew, Daňňy, Taňňy, Nury ýaly estrada bagşylary ussatlyk derejesine ýetipdiler. Bally Hajy, Akmuhammet Saparow, Atabaý Çarygulyýew ýaly estrada bagşylary täze-täze aýdymlary döredip, eýýam olar 23-24 ýaşlarynda ussat bagşy hökmünde ykrar edilipdiler.

Atabaý Çarygulyýew belent ses, gaýtalanmajak aýdym äheňi bilen özüni ykrar etdirdi. Akmuhammet Saparowyň bagşyçylyk sungaty täze zehiniň, täze gözlegleriň ýüze çykmasy bolup orta geldi. Hatda bu bagşy 1970-nji ýyllaryň aýaklaryna 80-nji ýyllaryň başyna türme-gazamat aýdymlaryny hem ýerine ýetiripdir. Meniň bilşime görä, Akmuhammet Saparowyňam repertuarynda ýüzlerçe aýdym bolup, ol aýdymlaryň temasy örän dürli we baý. Halk aýdymlaryndan başga aýdýan aýdymlarynyň tas hemmesiniň awtory onuň özi. Elbetde, bu ussat bagşynyň käbir aýdymlarynyň sözleriniň çeperçiligi pes, Ýöne onuň ussatlygy sözleri taraşlap gidýär. Ol halk aýdymlary döwrebap görnüşde öňki halk äheňinden bütinleý tapawutly, ýöne örän ussatlyk bilen aýdýar. Akmuhammet Saparowyň neşe belasyna hiç haçan ulaşmandygy onuň özüne pähim-paýhas bilen erk edip bilýänliginden habar berýär. Akmuhammet Saparow 2009-njy ýylda (1-nji sentýabr onuň doglan güni) elli ýaşanda, onuň aýdym-saz sungaty hakynda ýörite söhbet edipdim. Ony gaýtalap oturmaýyn.

Rejep Ulugow, Atabaý Çarygulyýew, Aman Kadyrow, Isa Hudaýnazarow, Röwşen Hallyýew, Kakyş Nazarow ýaly onlarça ussat bagşylarymyzyň her biri hakynda sahypalap makala ýazyp, söhbet etse bolar. Ýöne şu makalany ýazmagymyň maksady aýratyn alnan bir bagşynyň ussatlygyny ýüze çykarmak däl-de, estrada bagşylarymyzyň käbir kemçilikleriniň (kähalat “Miwe” ýaly gödek aýdym aýdýandyklaryna garamazdan) bardygyna garamazdan, olaryň sungat ussatlygy derejesine ýetendigini subut etmekden

ybarat.
Garaşsyzlyk zamanymyzyň estrada aýdymy hakynda söhbet edilse, Nurmuhammet Meredow, Suhan Orazberdiýew, Döwran Saparow, Hajy Ýazmämmedow, Laçyn Mämmedowa, Sahydursun Garajaýewa…. (hemme ussatlyga ýetişen bagşylary sanajak bolsak, ýörite sahypalap sanaw düzmeli bolar) ýaly birnäçe bagşylarymyzyň ussatlyga ýetendigini aýdyp bileris. Garaşsyzlyk zamanymyzda ussatlyga ýetişen bagşylaryň her biri aýratyn söhbet edilmäge mynasyp. Ýöne Nurmuhammet Meredow hakynda gysgajyk şulary aýtmagy dogry hasap edýärin. Ol Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýylynda geçirilen “Ýaňlan Diýarym” bäsleşiginiň ýeňijisi bolup, şondan soňra Nurmuhammet Meredow bagşy hökmünde adygyp başlady. Bu bagşy owalbaşda ussat halypa Akmuhammet Saparowyň şägirdi bolanam bolsa tizara estrada-da “Nury kasoý” diýen aýdym-saz ýoluny döretmegi başardy. Ol 26-27 ýaşynda halypa bagşy hökmünde ykrar edildi. Bu günki gün onuň agzyna öýkünip aýdym aýdýan ýaş bagşylar sanardan köp. Iň köp agzyna öýkünilip aýdylýan bagşam Nurmuhammet Meredow bolsa gerek. Ýöne haýp, bu bagşy biwagt ajalyň pidasy boldy. Ol bagşylaryň bahasynam saklaýan bagşydy. Sebäbi ol dirikä, hiç bagşy ondan toýa gymmat gidip bilmändir. Onuň aradan çykanda, ýaňy iki aý bolup geçdi. Emma käbir bagşylaryň nyrhy eýýäm “keýigiň şahyna çykypdyr” . Geçen iki aýyň içinde toýda aýdym aýdýan bagşylaryň bahasynyň iki essä golaý gymmatlandygyny aýdýarlar. Bu maglumat gynandyryjy. Elbetde, men halk içinde ussatlygy ykrar edilen, 38 ýaşynda aradan çykan, il içinde Nury kasoý ady bilen tanalýan Nurmuhammet Meredow barada ýörite makala ýazmakçy. Ýöne bu ussat halypa barada şu sözleri aýtmagy derwaýys hasap edýärin. Ussat halypa Nurmuhammet, sen aradan çykanam bolsaň, türkmenleriň müňlerçesi seniň mahmal owazly aýdymyňy teşnelik bilen diňleýärler Ýaş aýdymçylar bolsa seniň agzyňa öýkünip, olar Nurmuhammet Merediň şägirdi diýdirip bilseler armany ýok. Sen kämil estrada sungatyny hem bagşy ynsabyny yzyňda goýup gitdiň.
Estrada bagşylarynyň arasynda beýle köp aýdym aýtmadygam bolsa “Az bolsun, uz bolsun” pähime uýan Sabo Artykowyň aýdymlaryny diňläp görüň, Onuň jemi aýdan aýdymynyň 70-80-den kän däldigini aýdýarlar. Emma bu bagşynyň aýdym aýdyşam, sazam kämilligiň iň ýokary nusgasy diýip, çekinmän aýdyp biljek. Dogry, onuň aýdýan aýdymlarynyň köpüsiniň sözleri ýöntem. Emma bagşynyň aýdymy-sazy (sazynam özi çalýar) ussatlarça ýerine

ýetirişi ýöntem sözli aýdymlaram şirin owaz edip kalbyňa berýär. Bu günki gün Sabo Artykowyň aýdymlaryny aýdýan ýaş bagşylar az däl. Ýöne ol aýdymlary Sabo Artykowyň derejesinde aýdyp bilýän ýok. Asla aýdymlaryň Sabo Artykowyňkydygyny ýatlaýanam ýok.
Asla aýdym-sazyň dili ýok diýýänleri çyn ekeni. XX asyryň birinji çärýeginde Aşgabadyň, Marynyň çaýhanalarynda Şükür bagşy, Hally bagşy, German bagşy, Oraz Salyr ýaly ussatlar aram-aram aýdym aýdyp, saz çalar ekenler. Käwagt çaýhana gelýän iňlis, rus adamlary türkmen aýdym-sazynyň diline düşünmese-de, olar ady agzalan ussatlaryň aýdym-sazyny gulak gerip diňläp, sazanda-bagşylar gitmese, keseki ýerli myhmanlaram diňleýjileriň biri bolup oturypdyrlar. Elbetde, bu hadysa biziň aýdym-saz sungatymyzyň gadymylygyndan, kämilliginden, şirinliginden nyşandyr. Ýöne türkmen estrada bagşylarynyň kämilligini polýak kompozitory Nikolanyň ykrar edişine özüm şaýat boldum. Polşada watan gullugyny berjaý etdim, polýak kompozitor aýdym öwreniji Nikola on bäşden gowurak türkmen bagşylarynyň içinde şu bagşylara şeýle baha berdi (Ýöne şol kassetalarda diňe estrada-şol wagt ýaşlaryň ürç edip diňleýän bagşylary bardy):
Rejep Ulugow halkyň içinden çykyp, halk aýdymlaryny aýdýan bolmaly. Kämil, ýetişen bagşy.
Bally Hajyýew aýdym-sazyň ussady, diýseň kämil. Hindi aýdymlarynyň sözleriniň nähilidigini bilemok. Bir siwilzator saz guraly bilen hindi sazyny hindi ansamlynyň original sazyndan ussat çalmasa pes çalanok. Aýdym-sazda gudrat bar.
Atabaý Çarygulyýew sesi gaýnap dur, kämilden güýçli, sazlaram aýdymyna gelşip dur. Ussat bagşy.
Akyş Saparow. Bu bagşyň sesem beýle güýçli däl, ýöne ussat. Sizde göreş bar. Beýleki sanan bagşylam daýaw göreşip biilýän ýeňilmezek päliwanlar. Bu bagşy daýaw pälwan däl. Ýöne emelli päliwany gözöňüňe getir. Sizde dyzymy, arkasymy haýsy bolsa-da, ýagyrnysy ýere degmedik ýeňilmezek päliwan bagşy bu. Bu bagşy aýdymyň emelini, tehnikasyny ele alypdyr. Hatda rus, ukraýin (Iki sany rus, ukraýin: Ty jy menýa pidmanula aýdymy bardy. D.Ý.) aýdymlarynam origanaldan tapawutly gaty ussat aýdypdyr. Ukraýinada, ine diňle, bu aýdymy hor bolup, başga äheňde klassyky aýdýarlar. Nikola maňa şol aýdymyň ukraýin dilinde aýdylyşyny diňletdi. Dogudanam, ol aýdym hor bolup aýdylýan eken. Ýöne bu aýdymda siziň bagşyňyzyň äheňem

klassyka diýip çekinmän aýdyp biljek. Polýak kompozitory aýdymlaryň sözüne düşünmese-de, türkmen estrada sazynyň kämildigine düşünip baha beren bolmaly.
Men estrada bagşylarynyň birnäçesiniň ogurlyk sazy “türkmenleşdirip” ýa ýöntem sözleri aýdym edip aýdýandygyna edebiýatşynas, dörediji bir adam hökmünde gaty gowy düşünýän. Ýöne muňa garamazdan, türkmen estrada aýdym-saz sungatynyň hataryna täze-täze zehinli aýdymçylar goşulýar. Ynha, bu gutlanmaly hadysa. Emma halkyň ösen islegini kangatlandyrjak bolsa, estrada bagşylarynyň arkaýynlanmaga haky ýok. Olar täze döwrebap aýdymlary döretmeli. Ýöne häzir estrada bagşylarymyzyň köpüsiniň aýdýan aýdymlary mundan 30-40 ýyl öň döredilen aýdymlar. Estrada bagşylary aýdymyň sazyny döretmek üçin kompozitir, çeper aýdym üçin bolsa ussat şahyrlar bilen işläp, kämil aýdym döretmäge ymtylmaly. Bu zatlar öz-özünden döremez, yhlas bilen dörär. Şu hakykaty aýdyp, makalany soňlamak isleýärin. Halkara derejede Türkmenistan garaşsyz, hemişelik bitarap statusa eýe bolan ýurt. Watanymyz batly gadamlar, ösüş bilen öňe barýar. Diýmek, parahat, abadan ýurdumyzda estrada bagşylarymyz özlerine edilýän adalatly tankytdan adyl netije çykaryp, kämil aýdym-saz döretmek üçin, halkara tejribelerini ulanmaly. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bagşylary, goldaýandygyny, olara ýakyndan hemaýat berýändigine aýtmagymyz gerek. Şonuň üçin şahyrlaryň, kompozitorlaryň hem bagşylaryň birleşen yhlasy bilen aýdymlar dörese, estrada bagşylarymyzyň hasam kämilleşip, dünýä çykyp biljegine şühbelenmeýärin. Pederlerimiz “Ýagşy niýet ýarym döwlet” diýipdirler!!
2012 ý.

Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW.

Шарж «Газманов, или солист из Союза», Петр Тягунов. 10.07.2006
Aýdym-saz sungaty